# Salpygulak / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Salpygulak / hekaýa SALPYGULAK

*Zehinli aktýor, kinorežissýor Baba Annanow diňe bir diýarymyzda däl, onuň çäklerinden has uzaklarda hem tanalýardy. Onuň çeper kinoda döreden ýatda galyjy obrazlary dünýä kinosynyň altyn fonduna girdi.*
*Ol köptaraply zehindi. Onuň döreden özboluşly drama we çeper eserleri şu günlerem söýlüp okalýar. Biz bu gün merhum artistimiz Baba Annanowy ýatlap, okyjylarymyza onuň «Salpygulak» diýen hekaýasyny hödürleýäris. Hekaýa az-kem gysgaldylyp çap edilýär.*

* * *

Garry kempir bu günem oňly ýatyp bilmedi. Uzak gijesini üsgürip diýen ýaly geçirdi. Rahaty bolmady, häli-şindi iki ýana towlandy. Hatda arasynda turup çilim otlanan wagtam boldy. Köne agaç krowadam zaryn seslenip, otagyň içini ala-gopgun edýärdi. Çöküşen ýaýjyklary, birhili jygyldap gulagyňy deşip gelýärdi. Ol şeýdip daň saz berýänçä alasarmyk halda özüniň geçmişini üzlem-saplam ýatlap çykdy. Ýatlamalaryň üzlem-saplam bolýandygynyň sebäbi, gijesiniň birahat geçmesi bu gün ilkinji gezek däldi. Soňky döwürler-hä gijeleriň birahat däli ýokdy. Ýatlamalaryň köpüsi öňki ujypsyz gijelerinde aňynda bir sapar aýlanyp, kempir üçin indiki gyzgynynam gaçyrypdy. Häzirem ol ýüzüni ýokaryk tutup ýatan ýerinden kütelişen gözlerini gyrpyldadyp ýarym tutuly penjirä tarap seretdi. Daň saz berip başlan bolarly, aýnanyň ýüzi birhili süýt sepilen ýaly bolupdy. Ol hamdyr damar bolup duran elini ýokaryk galdyrdy-da, egrelişip duran inçeden uzyn barmaklaryny hereketlendirdi. Soňra bat bilen aşak, ak örtginiň üstüne goýberdi. Ýumşak ýere patlap düşen gollary edil jansyz ýaly, hiç bir hereketsiz uzak wagtlap

ýatdy.Gapynyň iç ýüzünde, köneje şkaf bilen aralykda, ýörite oklanan ýumşak letdäniň üstündäki salpy gulak, çypar ganjyk başyny galdyrman ýatan ýerinden gözüniň gytagy bilen kempiriň ýene ýokaryk göterilerine garaşdy. Emma ol wagty bilen herekete gelmedi. Garrynyň elleri ak örtginiň üstünde garalyp ýatyrdy. Tagaşyksyz süýnüp ýatyrdy. Salpygulak (ony kempir şeýle atlandyrýar) tumşugyny ýerden tarsa göterdi-de, ýaňky hereketsiz ýatan gollara ýiti-ýiti seretdi. Olaryň şol bir ýatyşydy. Soňra Salpygulak öň aýagynyň üstüne galdy. Gözlerini oýnaklatdy. Birdenem edil ”Tur, beýdip ýatma, daň atdy“ diýýän ýaly, yzly-yzyna çyňsady. Garry kempir agras başyny haýallyk bilen bärligine öwürdi.
– Näme beýle çyňsaýarsyň, näme öläýendirin öýtdüňmi? Salpygulak tarsa ýerinden turdy-da, uzyndan inçe guýrugyny iki ýana bulap, krowada tarap okduryldy. Kempiriň agajet elini ýyly dili bilen çalt-çalt ýalady:
– Gorkma, men entek ölesim ýok… Hany, boldy, boldy, bar ýeriňde ýat, entek turardan ir ahyryn! Kempiriň gürrüňiniň soňy üsgülewüge gatyşyp gitdi. Onuň hortaň kükreginden çykýan gyryljyk ses hamala diýersiň aňyrdan zorluk bilen iberilýän ýalydy. Ony bükýärdi, maňlaýynyň gasynyny köpeldýärdi:
– Eý, men guraýyn-a, şu çilim çekmäýinem diýýän-de, ýene-de çekäýýän. Elime alanymy-da duýman galýan. Ol üstüne örtülen örtginiň öň burçuny arkan serpdi-de, aýaklaryny ýere sallady. Paşmaklaryny ildirdi. Soňra hüžžeren saçlaryny uzyn barmaklarynyň arasyna gysdy-da, çogdamlap ýeňsesinde berkitdi. Agraslyk bilen ýerinden turup, penjiräniň ýanyna bardy. Haçanda penjiräni açanda daň şemaly deňiz tolkunynyň şaggyldysyny getirdi. Çypar ganjyk özüni penjirä tarap zyňdy, deňze tarap dyzady. Naýynjar çyňsady:
– Ýeri-ýeri senem.. Bar, ýeriňde ýat, ertirligiňi edinmän nirä gitjek bolýarsyň! Haý, salpy gulak diýse! Çypar ganjyk ”Aý bolýar-da“ diýýän ýaly, gowşaksy çyňsady-da, ýene-de ýerinde ýatdy. Emma birden-birden eşidilýän tolkunlaryň pagşyldysy ony tisgindirýärdi:
– Haýwany-ynsany ýok, bary bir ýürege emr edip bilenok. Aý, bolýar-da, nätjek, etjek alajyň ýok. Deňziň üstüni syryp

gelýän säher şemaly kempiriň çalaran selçeň saçlaryny darady, tuty ýokary göterilip, onuň hortaň egnini ýapdy. Deňziň salkyn howasy kempiriň süňňüni biraz ýeňleden ýalydy. Ol çalasynlyk bilen ýuwundy, darandy, ertirlik taýynlandy:
– Al, senem öz paýyňy iý. Derdi çekmek üçinem gurp gerekdir, ýogsam bir ýerde ýykylanyňy duýman galarsyň, iý ýüzüňi sowup ýatma-da! – diýip, gyryljyk sesini batlandyrdy. Göwünli-göwünsiz ýalmanan çypar ganjyk, gapa baryp, ony uzyn burny bilen açmaga synanyşdy, çyňsady, kempire ýalbarýan äheňde seretdi:
– Näme dyzaýarsyň, haýwan. Näme kilitli durandygyňy göreňokmy?! Soňra ol giň paşmagyny ýalaňaç poluň üstünden süýräp geldi-de, kildi ýazdyrdy. Gapyny itiň özi açdy. Öň aýaklary bilen itdi-de, zym uçan ýaly boldy:
– Nirä beýle howlugýarsyň diýsene! Hamala howluganyň bilen bir zat üýtgäýjek ýaly. Ýene-de şol bolşuňdyr-da, suwa sereder durarsyň-da. Ýaňy dogan Günüň şöhlesi, deňiz çygyna çala garalyp ýatan kenar çägesiniň üstüni altyn çaýylan ýaly edipdi. Garry kempir açyk penjireden deňze tarap seredýärdi. Salpygulak bolsa, Gün nury düşüp duran çyg çägäniň üstünden ýorgalap barýardy. Deňze tarap howlugýardy:
– Her gün şeýle. Gün dogaryna garaşyp ýatyr. Gün dogdugam, janawar gapa tarap dyzaýar. Deňziň ýakasy asudady. Ownuk tolkunlar gelip, çägesöw kenary ýalap, ýene-de yzyna serpigýärdiler. Salpygulak, çypar ganjyk bolsa, öň aýaklaryny deňiz suwuna sokup durdy. Onuň bar ünsi suwdady, düýbüne seredýärdi. Onuň aýagyny sypalap gidýän owunjak tolkunlar misli ondan ötünç soraýan ýaly çala öwşün atyp gelýärdiler-de birdenem mylaýym ýazylyp, gözden ýitýärdiler. Salpygulak hatda göterilen Günüň ýiti çogunyň gyzgynyny hem duýmady. Ol kenara ýygnanan adamlaryň seslerini hem eşitmedi. It öz derdi bilen gümrady. Derdi deňiz tolkunlary bilen bagly bolansoň, gözleri şol tolkunlardan başga zada düşmeýän ýalydy. Ol hereketsiz durardy. Edil doňdurylyp goýlan ýalydy. Deňziň kenary çaklaňrak şäherjikdäki eýesiz ygyp ýören itleriň keýpini göterýärdi. Olar Salpygulak, çyparyň töwereginde bökjekleýärdiler, çägä agynaýardylar, biri-birlerini

çeýneýärdiler. Emma çypar ganjyga welin, azarlaryny ýetirmeýärdiler. Gün gyzdygy kenar ýakasynyň hereketi köpelýär. Dürli reňkli maşynlaryň gel-gidiminiňem yzy üzülenok. Kimdir biri gyrmyzy reňkli maşynyny kenara ýakyn ýerde saklady. Maşyndan çykan sary gulpak zenan, şemala çala galgap duran ýeňsiz köýnegini howlukmaçlyk bilen sypyrdy. Soňra eliniň tersi bilen bir gapdala zyňdy-da, özüni ýylyjak suwuň tolkunyna oklady. Zenan bedeniniň zarbyna tolkunan suw, gelip Salpygulagyň üstüne syçrady. It çala tisgindi, emma başyny götermedi. Ýöne ”Maňa azar bermäň!“ diýýän äheňde çala çyňsady-da, ýene öz derdine gümra boldy:

– Nikolaý, aý, Nikolaý, ýok etsene şu nejisi, başga ýer tapmadyk ýaly! Sypaty dagy näteňet ýşaradyň! Nikolaý ilkibada üns bermedi, “Ol nämäniň ýşaraty“ diýip, basyk sesi bilen güňleç seslendi-de, ýene-de maşynyň çaňyny süpürmek bilen boldy:

– Nikol! Diýýärin men saňa! Näme gulagyňa keçe dykyldymy. Ýok etsene ýanyňdan şu ýşaraty! Nikol Salpygulagy indi gördi:

– Hä!.. Häzir! – ol töweregine ser saldy, emma alyp salaýmaga töwerekde zat ýokdy, diňe çäge bolup ýatyrdy. Gaty bir ýakyn barmaga-da çekinen Nikol, duran ýerinden – Ýit, ýit, ýok bol! – diýip, Salpygulaga azm urdy. It oňa “Sen barmysyňam“ diýenokdy, burnuny suwa ýakyn getirip nazaryny tolkunlara dikip durdy:

– Ýit, ýok bol, daňlan ýaly bolup durşuny gyz, munuň! – sary gulpak gelin onuň üstüne suw serpip ugrady – Bar-da depäýsene, haramy! – diýip,

Nikolyna azgyryldy. Nikolaýyň itiň üstüne sürnüp başlanam şoldy, aňyrdan garry kempiriň gyryk sesi ýaňlandy:

– Siziň edýäniňiz näme, ýeri, o janawar size näme edipdir? Näme biriňizi ýardymy, ýa biriňize degdimi? Näme etdi? Salpygulak başyny göterdi, haýallyk bilen yzyna gaňrylyp, uzyn burnuny kempire tarap uzatdy-da arz edýän äheňde çyňsady:

– Näme zeýrenýärsiň, näme sende diş ýokmy, güýç ýokmy? Topul üstlerine-de özüňi gora. Görüp dursuň-a dymyp dursaň üstüňi depeläp geçjeklerini?

– Wiý, wiý, daýza jan, oňa zat diýemzok ahyryn, ýöne <<Aňryk

çekil>> diýýäris, biziň suwa düşýän ýerimizde onuň näme işi barmyşyn!
– Ýok, siziň şonuň duran ýerinde näme işiňiz barmyşyn? Ilerräjik çekiläýeňizde bolmaýarmy! Hökman duran janawere azar bermelimi, onuň sizsizem derdi özüne ýetik. Çekiliň beýläk-de, ite azar bermäň!
Sary gulpak gelin suwdan göwresini çykaryp, kenara tarap süýşüp başlady.
– Indi biz bir itçe-de bolmadykmy, biler bolsaňyz, hormatly garry – ol iki elini bykynyna urup, kempiriň üstüne sürnüp başlady – bu kenar it kenary däl-de, adamlar üçin dörän kenar, işçi-daýhan üçin, lezzet bermeli kenar, düşündiňizmi! Itbakar kempir bolýan bolsaň, sür malyňy bir çete-de, şol ýerde üýr!
Kempiriň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy, elleri titredi. Birdenem bedeninden suw syrygyp duran garşydaşyna tarap süründi-de, gyryljak sesini batlandyrdy.
– Çekil diýdigim, çekil diýýärin men saňa ýogsam şu tarelka bilen başyňa ýelmäp, sary gulpagyňy gyzyla öwrerin.
Edil şu ýerde-de kempir üçin garaşylmadyk zat boldy. Salpygulak janlanan ýaly boldy. Iki böküp kempir bilen gelin aralygyna düşdi-de, hyýrsyzlyk bilen gelne hyňrandy.
Gelin aýylganç gygyrdy. Ylgawyny ýazdyrman Nikolanyň maşynyna kürsäp urdy.
– Hä-ä, al saňa gerek bolsa-a! Ha-ha-ha. Baý ýalaňaç baldyryňy guma bularsyň-a. Hany gelsene, gel bärik… –
Kempir elini buduna urup, gygyrýardy. Nikolyň maşyny bolsa tozandan guýruk ýasap, kenar ýakasy bilen gaýralagyna süýnüp barýardy.
Kempir çala küýkeren bilini dikeldip, uzak saklandy-da:
Berekella, Salpygulak, berekella! Bu sapar oňardyň, tüýs ýürejigime jüňk bolaýdyň. Şeýdip özüňi goramasaň, seni bular jandar hasabyna-da urjak däller ahyryn. Hany, gel indi naharlan! Gel bärik!
Kempir kömelek sypatly saýawanly oturgyçlaryň birine gelip gondy. Elindäki naharly gabyny ýerde goýdy.
– Al, işdäň açyk bolsun!
Salpygulak dilini şalpyldatdy-da, goýlan nahardan ýalady.

Soňra ýalmandy, çala çyňsady-da, uzyn tumşugyny kempiriň aýagynyň üstünde goýdy.
Gün ýüzüni aşak tutup başlapdy, kempiriň şol oturyşydy. Salpygulak tumşugyny onuň aýagynyň üstünde goýup irkilipdi.
– Hany tur indi, menem gidip biraz irkileýin-dä! – diýip, garry giň paşmagyny çägesöw ýerden süýräp, öz otagyna tarap ugrady. Onuň çala ýaý beren uzyn boýy sary giden köýneginiň içinde, bir hili tukat görünýärdi. Salpygulak öň aýagyna galyp, oturan ýerinden kempiriň yraň atyp barýan göwresine uzak wagtlap seretdi-de, birdenem; onuň yzyndan okduryldy. Daşynda pyr-pyr aýlandy-da, gabat garşysyna dik oturdy.
– Bar-a tula, seniň bolşuň näteňet. Mundan öň beýle häsiýetiň ýokdy-la! Bar derdiň bilen bol, maňa azar berme!
Ol Salpygulakdan sowa geçjek boldy. Emma Salpygulak ýerinden tarsa turdy-da, ýene-de kempiriň öňüni aldy.
Ýakyn baryp, oňa sürtendi, elini ýalap, çala çyňsady.
– Boldy, boldy. Biz müdimilik aýrylamzok ahyryn, garaňky gatlaşdygy tünegiňe ýygnanarsyň-a, bar! Bu sapar Salpygulak kempiri ýolundan saklamady, bagryny ýere berdi-de, çala yraň ýatyp barýan göwrä tä gözden ýitýänçä seretdi. Soňra deňze tarap öwrüldi.
Salpygulak indi tolkunlara seredýärdi, olaryň üstüne sürnüp üýrýärdi, ýene-de yza, kenara çekilýärdi.
Birden-birdenem süýşüp gelýän mähnet tolkunlara seredip, olary näletleýän äheňde tumşugyny asmana tutup, pessaý ses bilen uwlaýardy, onuň häzirki uwlaýşynda tolkunlara ne gargynç, ne-de gahar duýulýardy. Ol guýrugyny ýere diräp, asmana arzyny aýdýan ýalydy. Gitdigiçe bady güýçlenýän tolkunlaryň pagşyldysy onuň ysgynsyz sesiniň üstüni basýardy. Onuň ejizliginiň üstünden gülýärdi. <<Ähe-heý, ganjyk, sen näme menden rehimdarlyga garaşýarmyň, näme, tumşugyňy asmana tutup bize, tolkunlara gargynýarmyň? Garganyber. <<Palçyk göjek demir gala degse pytrar>> diýip eşitmänmidiň? Haýp, eşiden bolsaň, kenar ýakasynda güjüklemezdiň. Hawa, hawa güjüklemezdiň. Bizem gazap edip olary öz içimize dolap almazdyk>>…
Deňiz pagşyldysy gitdigiçe güýçlenýärdi, wagşy haýwanlar ýaly

çyrpynýardy, gudratyny görkezýärdi. Salpygulagam naýynjar uwlaýardy, aýylganç hadysanyň bolan güni ýadyna düşüp uwlaýardy.
Bagryndan önen güjükleriniň seslerini eşitsem diýip uwlaýardy. Tolkunlar bolsa gitdigiçe möwç alyp, kenara urlup dyr-pytrak bolýardylar. Uly pagşyldy döredip, Salpygulagyň nalasyny basjak bolýardylar.
…Bu tolkunlar şol günem şeýdip möwç alyp başlapdylar, kenara urunýardylar. Gitdigiçe güýçlenýärdiler, hol düňderilip goýlan gaýyklara ýetipdiler. Hawa, şol gaýyklara ýetipdiler. Bar zady syryp-süpürip, doýmaz-dolmaz holtumyna dykypdylar.
Ýaz paslydy. Öýsüz-öwzarsyz gezip ýören Salpygulak güjüklemäge ýer gözleýärdi. Kiçijik şäheriň bir o çetine, bir-de bu çetine ylgaýardy. Emma amatly ýer tapylanokdy. Agyr garny inçe bilini aşak dartyp ýolara getiripdi. Ol dilini sallap, kenar ýakasyna gelip, ýadaw göwresini ýumşak çägäniň üstüne oklapdy. Onda-da uzak ýatyp bilmändi.
Şondan ol agyr göwresini ýerden göterip düňderilgi gaýyklaryň biriniň aşagyna giripdi. Tebigatyň öňünde özüniň enelik borjuny ýerine ýetiripdi. Ýagty jahana alty sanyjak akja güjüjegi getiripdi. Ýüküni ýeňledip, lagşan göwresini ýere ýazyp uzyn gün galman ýatypdy.
Çypar ganjygyň beýle halyna gözi düşen kempir
(ol her gün kenara gezelenje çykýar eken).
– Hä-ä Salpygulak, seniň halyň teň ýaly-la, saňa näme bolýar? – diýip, onuň ýanyna barypdy. Haçan-da düňderilip ýatan gaýygyň aşagyndaky güjükleri görende bolsa:
– Bo-ow, sen asyl sowgat getiren ekeniň-ow, gör nähili eýjejik zatlar. Wi-i, siziň asyl gözüňizem açylmandyr-la. Hany Salpygulak, sen maňa garaş, men saňa häzir nahar getireýin!
Şondan soň Salpygulak bilen kempiriň arasyndaky dostluk başlandy. Wagt geçip, güjükleriň gözleri açylyp, dünýäni görüpdiler. Salpygulagam daýanypdy. Torsuk ýaly bolup başlan akja güjükler öz aralarynda basalaşyp, oýun görkezip başladylar.
Günleriň birinde gaý turup, deňzi çaýkap başlady. Tolkunlar gelip kenara urupdylar. Olaryň güýçleri gitdigiçe artypdy, ak

köpükli başlary asmana galypdy. Tolkunlar göýä kenary ýuwdup-ýalmajaga dönüpdi. Çagalaryny bagryna basyp ýatan Salpygulak aljyraňňy halda çyňsap ugrady. Tolkunlar gelip, gaýyklary agdarypdy. Ak köpüge gatyşan akja güjükleriň her haýsy bir ýerik düşüpdi.

Salpygulak özüni deňze urup, güjüklerini kenara çykaryp başlapdy. Emma haýsy birine ýetişjegini bilmän, iki ýana urnupdy. Çykaryp kenarda goýdum diýeninem täze tolkun gelip äkidýärdi. Salpygulak köp wagtlap aýylganç tolkunlar bilen söweş gurup, güjükleriň hiç birinem halas edip bilmändi. Şondan soň ol çete çekilipdi-de, ýüzüni asmana tutup, aýylganç uwlapdy.

Ony eşiden garry kempir kenara gelse, eýýäm giç eken. Salpygulak bolsa bagryny paralap, uzyn gijesini zaryn-zaryn uwlap geçiripdi…

Ine, şondan soň onuň bar işi kenara gelip, iki öň aýaklaryny suwa sokup, tolkunlara seretmek bolupdy.

Häzir edil şol gündäki ýaly tolkunlar kenara urunýardy, çyrpynyp töweregine haýbat atýardy. Salpygulagy gorkuzmak isleýärdi. Gitdigiçe oňa ýakynlaşýardy. Ol indi uwlamasyny kesdi. Süýşüp gelýän tolkunlara gahar bilen üýrüp başlady. Olaryň üstüne topuldy. Yzly-yzyna gelýän tolkunlara özüni urdy. Tolkunlaryň bolsa yzy gutaranokdy. Salpygulagyň üstüne sürünýärdiler-de, birdenem ondan gorkan ýaly yza çekilip, ýere ýazylýardylar.

Gahar-gazaba münen janaweriň göreşi uzaga çekmedi. Düýrlenip gelen mähnet tolkunyň lemmeri onuň ejiz göwresini göterip asmana zyňdy-da, soňam gapyp holtumyna saldy.

Garry kempir bu gije rahat ýatdy, hatda daňyň nähili atanynam duýmady. Haçan-da ol gözlerini açanda, endigi boýunça inçedek uzyn gollaryny göterdi-de, çala gerindi. Birdenem, bir zat ýadyna düşen ýaly çaltlyk bilen gapa tarap öwrüldi. Gapynyň agzyndaky letdäniň üsti boşdy. Ol tarsa ýerinden turdy-da, kiltsiz duran gapyny açdy. Gapynyň daş ýüzünde-de Salpygulak ýokdy.

Kempir howlukmaçlyk bilen gara örtügini başyna atdy-da, kenara tarap howlukdy.

Kenar ýakasy asudady, agşamky turan gaýyň çykaryp taşlan balykgulaklarydyr deňiz otlary kenardan uzakda uzyn çylgym bolup ýatyrdy. Garry başyny dik göterip, deňze tarap seretdi-de:
– Ahyry maksadyňa ýetipsiň-ow! – diýdi, soňra ýene-de dymdy.
Çägesöw kenara gelip sürtenýän owunjak tolkunlar çala pagşyldap, özüniň tukat heňini şol gaýtalap ýatyrdy.
Kempir:
– Höwürtgäňi gurmaly ýerini bilmänsiň janawer! Heý, yraň atyp duran bu mähnetiň golaýynda-da bir höwürtge gurarlarmy! Deňiz höwürgäni halamaýar ahyryn – diýip, uludan demini aldy.

# «Owadan žurnaly», 08.08.1995-nji ýyl.

*Kril harpyndan häzirki zaman latyn harpyna geçiren: Gurban Geldiýew.* Hekaýalar